**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2024-nji ýylyň 17-nji iýuly № 46-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

# Işleýän hususy telekeçiniň statistik hasaba alnyşynyň kartoçkasyny doldurmak boýunça GOLLANMA

Işleýän hususy telekeçiniň statistik hasaba alnyşynyň kartoçkasyny, salgyt beýannamasy tabşyrylýan möhletinde hususy telekeçiler tarapyndan ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna tabşyrýar.

## 1 BÖLÜM. HUSUSY TELEKEÇINIŇ TAPAWUTLANDYRYJY ALAMATLARY

1-nji setirde hususy telekeçiniň doly familýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär.

2-nji setirde hususy telekeçiniň şahsy salgyt belgisi (ŞSB) görkezilýär, hususy telekeçiniň şereketleri üçin, şereketiň ýolbaşçysynyň ŞSB-si görkezilýär.

3-nji setirde ýylyň ahyryna hususy telekeçiniň doglan senesi (güni, aýy we ýyly) doldurylýar.

4-nji setirde hususy telekeçiniň pasport seriýasy we belgisi görkezilýär.

5-nji setirde hususy telekeçiniň jynsy boýunça görkezýär. Eger-de telekeçiniň jynsy erkek bolsa «1» goýýar, aýal bolsa «2» goýýar.

6-njy setirde ýazgysy boýunça ýaşaýan ýeriniň salgysy şu aşakdaky yzygiderlikde görkezilýär: şäher (oba, geňeşlik), köçe, jaý, öý. Eger-de hususy telekeçi wagtlaýyn başga ýerde ýaşaýan bolsa, onda 7-nji setir doldurylýar.

8-nji setirde hususy telekeçiniň telefony, faksy we elektron poçtasy görkezilýär.

9-njy setirde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministirliginiň Salgyt müdiriýeti tarapyndan emele getirilen ykdysady işleriniň görnüşleriniň sanawyna ÝIGDK we ÝIGDK Rev 2 klassifikatoryna laýyklykda hususy telekeçiniň esasy ykdysady işleriniň görnüşiniň ady görkezilýär.

10-njy setirde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministirliginiň Salgyt müdiriýeti tarapyndan emele getirilen ykdysady işleriniň görnüşleriniň sanawyna ÝIGDK we ÝIGDK Rev 2 klassifikatoryna laýyklykda hususy telekeçiniň goşmaça ykdysady işleriniň görnüşleriniň ady görkezilýär.

11-nji setirde hususy telekeçiler telekeçilik işini amala aşyran pursadynda iň ýokary bilim derejesini görkezýärler.

1-nji kod – «Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi (ylymlaryň doktory, ylymlaryň kandidaty)», ylymlaryň doktory ýa-da ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesi bar bolan respondentlere bellenýär.

2-nji kod – «Ýokary hünär (magistraturany hasaba almak bilen)», ýokary hünär bilimi edaralaryny (institut, akademiýa ýa-da olar bilen deň derejedäki ýokary hünär bilimi edaralary) tamamlap we olary tamamlandygy hakynda resminama alan respondentlere bellenýär.

3-nji kod – «Doly däl ýokary hünär (tamamlanmadyk)», ýokary hünär bilimi edaralarynda okanlar we ýokary okuw mekdeplerinde okuwyň möhletiniň ýaryny we ýaryndan gowragyny tamamlandygyny, doly däl ýokary bilimini tassyklaýan degişli resminamalary bar bolan respondentlere bellenýär.

4-nji kod – «Orta hünär (ýöriteleşdirilen orta)», orta hünär bilimi edaralaryny (mugallymçylyk, lukmançylyk, sazçylyk mekdepleri goşmak bilen) tamamlan respondentlere bellenýär.

5-nji kod – Hünär –tehniki (başlangyç hünär), hünär-tehniki bilim edaralaryny tamamlan (hünär mekdebi, liseý, kollej) respondentlere bellenýär.

6-njy kod − « Umumy orta (doly orta mekdep)», aşakdaky respondentlere bellenýär:

- on bir ýyllyk ýa-da on ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça mekdebi tamamlanlara;
- 1998-nji ýyldan 2007-nji ýyla çenli 9 ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça mekdebi tamamlanlara;
- mekdebiň ikinji basgançagyny ýa-da beýleki umumybilim berýän mekdebi tamamlanlara;
- häzirki wagtda hünär-tehniki bilim edaralarynda okaýanlara we umumy orta bilim bilimden ýokary bolmadyklara;
- häzirki wagtda orta hünär bilimi edaralarynda okaýanlara (mugallymçylyk, lukmançylyk, sazçylyk mekdepleri goşmak bilen) we umumy orta bilim bilimden ýokary bolmadyklara;
- häzirki wagtda ýokary hünär bilimi edaralarynda okaýanlara we umumy orta bilimden ýokary bolmadyklara.

7-nji kod – «Esasy orta (doly däl orta mekdep)», aşakdaky respondentlere bellenýär:

- sekiz ýyllyk mekdebi (ýedi ýyllyk mekdebi, ýa-da 7-nji synpy 1961-nji ýylda we ondan öň) tamamlanlara;
- on ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça 8-nji synpy tamamlanlara;
- on ýyllyk ýa-da on bir ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça 9-njy synpy tamamlanlara;
- on bir ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça 10-njy synpy tamamlanlara;
- häzirki wagtda on bir ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça 10-11-nji synpda okaýanlara.

8-nji kod – «Başlangyç (başlangyç mekdep)», aşakdaky respondentlere bellenýär:

- başlangyç mekdebi tamamlanlara;
- 3-nji synpy başlangyç bilim almaga laýyk bolan, orta bilim mekdebiniň 3-nji synpyny tamamlanlara;
- 4-nji synpy başlangyç bilim almaga laýyk bolan, orta bilim mekdebiniň 4-nji synpyny tamamlanlara;
- häzirki wagtda 5-10-njy synpda okaýanlara (on iki ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça).

Şereketiň agzasy bolan hususy telekeçi 12-nji setiri doldurýar «1» goýýar we şereketiň agzalarynyň sany 13-nji setirde görkezýär. Eger-de hususy telekeçi şereketiň agzasy bolmasa, onda ol 12-nji setiri doldurýar «2» goýýar we 13-nji setiri doldurmaýar.

## 2A BÖLÜM. HUSUSY TELEKEÇINIŇ YKDYSADY IŞLERINIŇ GÖRKEZIJILERI

01-nji setiri hasabat döwründe işiň hasabat döwri boýunça «Hususy telekeçiniň bellenen patent töleginiň tölenendigine şaýatlyk edýän patenti» alan hususy telekeçiler dolduryarlar.

02-nji setir «Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy degişli edilen şahsy adamlardan - hususy telekeçilerden alynýan girdeji salgydy (goşmaça patent tölegi)» boýunça beýannamanyň «Salgydyň pul möçberiniň (goşmaça patent töleginiň) hasaplamasy» IV bölümiň «Hasaplanan salgydyň pul möçberi» atly 19-njy setirine gabat gelmelidir.

03-nji setir patent boýunça işleýän hususy telekeçiler üçin hökman «Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy degişli edilen şahsy adamlardan - hususy telekeçilerden alynýan girdeji salgydy boýunça beýannama (goşmaça patent tölegi)» III bölümiň «Jemi girdejiniň pul möçberi barada maglumat» «Telekeçilik işini amala aşyrmakdan alynýan jemi girdejiniň pul möçberi» 12-nji setirine gabat gelmelidir.

Bellige alyş şahadatnamasy boýunça işleýän hususy telekeçiler üçin 03-nji setir hökman «Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça beýannamadan» III bölümiň «Alnan girdejiler we hasaplanan salgydyň pul möçberi barada maglumat» «Telekeçilik işini amala aşyrmakdan alnan jemi girdejiniň pul möçberi» B bölegine «Türkmenistandaky çeşmelerden alnan girdejiler barada maglumaty» 19-njy setirine gabat gelmelidir.

04-nji setir «Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy degişli edilen şahsy adamlardan - hususy telekeçilerden alynýan girdeji salgydy boýunça beýannama (goşmaça patent tölegi)» III bölümiň «Jemi girdejiniň pul möçberi barada maglumat» «Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejiler» 05-nji setirine gabat gelmelidir.

Diňe bellige alyş şahadatnamasy boýunça işleýän hususy telekeçiler 04-nji setiri doldurmaýarlar.

05-nji setir «Hususy telekeçiler üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannamadan» II bölümiň «Hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberiniň hasaplamasy» «Hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi» 20-nji setirine gabat gelmelidir.

06-njy setir «Aksiz boýunça beýannamadan» II bölümiň «Hasaplaşylmaga degişli goşmaça tölegiň pul möçberiniň hasaplamasy» «Hasaplaşylmaga degişli aksiziň pul möçberi» 19-njy setirine gabat gelmelidir.

07-nji setir hökman şu statistiki formanyň 08-12-nji setirleriniň jemine gabat gelmeli.

08-12-nji setirler patent boýunça işleýän hususy telekeçiler üçin hökman V bölümiň «Çykdajylar we sap girdeji barada maglumat» «Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy degişli edilen şahsy adamlardan - hususy telekeçilerden alynýan girdeji salgydy boýunça beýannama (goşmaça patent tölegi)» 24-nji setirine «Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylar (harajatlar)» gabat gelmelidir.

08-12-nji setirler bellige alyş şahadatnamasy boýunça işleýän hususy telekeçiler üçin «Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça

beýannamadan» IV bölümiň «Salgyt özenini hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalar barada maglumat» 42-nji setiriň «Salgyt salynýan girdejini kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar» B bölegine «Telekeçilik işini, hünär hyzmatlaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly aýyrmalar» gabat gelmelidir.

13-nji setirde öz önümini öndürmek üçin hem ýurduň içinde, hem daşary ýurtlardan satyn alnan çig mallaryň we materiallaryň umumy gymmaty görkezilýär.

14-nji setirde ýerli üpjün edijilerden öz önümini öndürmek üçin satyn alnan çig mallaryň we materiallaryň gymmaty görkezilmeli.

15-nji setirde daşary ýurtlardan getirilýän satyn alnan çig malyň we materiallaryň gymmaty görkezilýär, oňa Türkmenistanyň gümrük çägine çenli eltmek boýunça ähli çykdajylar, şol sanda ätiýaçlandyryş we ulag çykdajylary goşulýar.

15a setirde oba hojalyk önümçiligi üçin alnan ýer bökleriniň meýdany gektarda görkezilýär.

15b setirde ýyladyşhana gurmak üçin alnan ýer bökleriniň meýdany gektarda görkezilýär.

16-17-nji setirlerde öz öndüren taýýar önümleriniň ýylyň başyna we hasabat döwrüniň ahyryna ammarlarda ýa-da beýleki saklanýan ýerlerde galyndylary satuw nyrhlary boýunça görkezilýär.

18-nji setir patent boýunça işleýän hususy telekeçiler üçin V bölümiň «Çykdajylar we sap girdejiler barada maglumat» «Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy degişli edilen şahsy adamlardan - hususy telekeçilerden alynýan girdeji salgydy boýunça beýannama (goşmaça patent tölegi)» 28-nji setire «Telekeçilik işini amala aşyrmakdan alnan sap girdeji» gabat gelmelidir.

19-njy setir 20-23-nji setirleriň jemine deň bolmalydyr.

20-23-nji setirlerde emlägiň görnüşi boýunça telekeçilik maksatlarynda ulanylýan öňden we täzeden alnan emlägiň gymmaty görkezilýär. 23-nji setirde telekeçilik maksatlary üçin ulanylýan sanawa girizilmedik emlägiň gymmaty görkezilýär.

## 2B BÖLÜM. ESASY SERIŞDELERE MAÝA GOÝUMLARY

24-nji setir hökman 25-28-nji setirleriň jemine deň bolmalydyr.

25-28-nji setirlerde hasabat döwri üçin täze girizilen şeýle hem satyn alnan telekeçilik maksatlary üçin ulanmak göz öňünde tutulan esasy gaznalaryň gymmaty görkezilýär. Maýa goýumlaryň göwrümne täze satyn alnan esasy gaznalaryň, enjamlary goşmak bilen, önümli we tohumly mallary, guşlary, balygy ösdürip ýetişdirmek we köp ýyllyk agaçlary ösdürmek üçin gönükdirlen çykdajylar girýär. Beýleki çykdajylara, ýagny 28-nji setirde işgärleriň (işe kabul edilýän işgärleriň) okadylmagyna gönükdirlen çykdajylar görkezilýär.

1-nji sütünde esasy serişdelere (esasy goýumlar) maýa goýumlaryň umumy möçberi görkezilýär.

2-3-nji sütünlerde öz serişdeleri we hemmesi - esasy goýumlary maliýeleşdirme-giň çeşmeleri görkezilýär.

4-nji sütünde şolardan bank karzlarynyň hasabyna alnan serişdeleriň möçberi görkezilýär.

## 3 BÖLÜM. HUSUSY TELEKEÇILIKDE IŞ BILEN MEŞGULLYK

01-nji setire «Ortaça iş hakyny hasaplamak üçin işgärleriň hakyky sany» hususy telekeçiler, hakyna tutulan işgärler we tölegli kömek berýän maşgala agzalary girýär.

Ortaça iş hakyny hasaplamak üçin işgärleriň hakyky sanyna beýleki kärhanalardan kabul edilen utgaşdyryp işleýän işgärler, yzygider şertmana boýunça işleýän şahslar, şeýle hem göwrelilik boýunça we çaga dograndygy üçin zähmet rugsadyndaky we çaga seretmek boýunça goşmaça zähmet rugsadyndaky aýallar girmeýär. Ýylyň başyndan bäri döwri üçin işgärleriň hakyky sany hakyna tutulan işgärleriň, kömek berýän maşgala agzalarynyň sanlaryny ýylyň başyndan işlän aýlarynyň ählisini goşmak arkaly we alnan jemi hasabat döwrüniň işlenen aýlarynyň sanyna bölmek bilen, hususy telekeçileri hasaba alyp kesgitlenilýär.

Eger-de hususy telekeçi hakyna tutulan işgärleri bolmazdan we kömek berýän maşgala agzalary bolmazdan işleýän bolsa, onda 01-nji setirde «1» san goýulýar.

02-nji setirde aýallaryň hakyky sany görkezilýär. 02-nji setir 01-nji setirden az ýa-da deň bolup biler.

03-nji setir «Hakyna tutulan işgärleriň hakyky sany» ýylyň başyndan bäri döwri üçin ýylyň başyndan ähli aýlar üçin hakyna tutulan işgärleriň sanyny goşmak ýoly bilen we alnan jemi hasabat döwrüniň işlenen aýlarynyň sanyna bölmek bilen kesgitlenilýär.

04-nji setir «tölegli kömek berýän maşgala agzalarynyň hakyky sany» ýylyň başyndan bäri döwri üçin hususy telekeçileri hasaba almazdan, ýylyň başyndan ähli aýlar üçin kömek berýän maşgala agzalaryny goşmak ýoly bilen we alnan jemi hasabat döwrüniň işlenen aýlarynyň sanyna bölmek bilen kesgitlenilýär.

05-nji setirde sanawyň düzüminde bolmadyk işgärleriň ortaça sany bu işgärleriň her bir senenama güni üçin şertnamanyň hereket edýän döwrüniň dowamynda bitewi birlik hökmünde hasaba alynmagyndan ugur alnyp hasaplanylýar.

06-njy setirde beýleki kärhanalardan utgaşdyryp işlemek boýunça işe kabul edilen işgärleriň sany görkezilýär, olar aýratyn hasaba alynýar.

2-nji sütünde iş hakynyň ähli görnüşleri, şeýle hem pul we natural görnüşinde hasaplanan pul sylaglary, goşmaça tölegler we durmuş ýeňillikler görkezilýär.

07-nji setirde döredilen iş orunlarynyň sany görkezilýär. Zähmetiň işiniň barşynda işgärleriň hemişelik ýa-da wagtlaýyn bolýan ýeri iş orunlary bolup durýar. Döredilen iş orunlarynyň sany hasabat döwründe hususy telekeçileriň hakyna tutulan işgärleriniň sanynyň köpelmegi bilen şertlendirilýär.

## 4 BÖLÜM. HUSUSY ÖNÜMIŇ ÖNDÜRILIŞI

Bölümde öndürilen önümleriň (harytlaryň, hyzmatlaryň) her bir görnüşi boýunça maglumatlar görkezilýär. Önümleriň belli bir görnüşleriniň öndürilişi barada maglumatlara hususy telekeçileriň öz çig malyndan we materiallaryndan, şeýle hem sargytçynyň beren çig malyndan we materiallaryndan öndürilen, daşyna göýbermek, özüniň düýpli gurluşygyna we senagat däl hojalyklaryna göýbermek üçin niýetlenen, işgärlerine zähmet hakynyň hasabyna berlen, şeýle hem öndüriji tarapyndan senagat-önümçilik hajatlaryna harçlanan senagat we oba hojalyk önümleri (ýagny, jemi öndürileni) goşulýar.

Setirlerde öndürilen önümleriň (harytlaryň, hyzmatlaryň) natural (1-nji sütün) we gymmatlyk (2-nji sütün) görnüşlerindäki möçberi görkezilýär. 2-nji sütünde hasabat döwründe öndürilen önümiň (harytlaryň, hyzmatlaryň) gymmaty hereket edýän nyrhlarda goşulan baha salgydy we aksizi goşmazdan görkezilýär.

3 we 4-nji sütünlerde hem ýurduň içinde, 5 we 6-njy sütünlerde hem daşary ýurtlarda öz öndüren ýerlenen önümleriniň (harytlaryň, hyzmatlaryň) natural we gymmatlyk möçberleri görkezilýär.

4-nji bölümi dolduranyňyzda, 2 A bölümdäki 13, 14 we 15 setirlerdäki maglumatlary görkezmeli, önümçilik önümleriniň galyndylary bar bolsa, 16 we 17 setirler doldurylýar. Oba hojalyk önümleri öndürilende 15a we 15b setirleri doldurmaly.

**Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegininiň statistikasy müdirligi**